***Hazar deňziniň kenaryndaky «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda BMG-niň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty üstünlikli geçdi. Birinji nobatda, maslahatyň gün tertibine çykarylan meseleler babatda oňyn çözgütler kabul edildi. Ol diňe halkymyzda däl, dünýäniň ähli halklarynda-da çuňňur kanagatlanma duýgusyny döretdi. Mälim bolşy ýaly, ulag gönüden-göni önümçiligiň dowamy bolup, ol zähmetiň sebitleýin bölünişinde, ykdysadyýetiň ýöriteleşmeginde, toplumlaýyn ösüşinde, tebigy baýlyklaryň özleşdirilişinde, aýratyn hem halkara söwdany guramakda aýgytly orny tutýar.***

Jemi 570 milliondan gowrak ilaty bolan deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletleriň deňiz söwda ýollaryndan we esasy dünýä bazarlaryndan uzaklygy, ýokarlandyrylan ulag çykdajylary, serhetlerdäki logistika meseleleri hem-de goňşy döwletleriň syýasy durnuklylygyna we söwda syýasatlaryna garaşlylygy birnäçe kynçylyklary döredýär. Şeýle ýagdaý olary ählumumy söwda ulgamynda has kynçylykly ýagdaýda goýýar we bu geografik çäklendirmeleri ýeňip geçmek üçin ýörite strategiýalary gözlemegi talap edýär. Bu meseleleri çözmekde Türkmenistana aýratyn orun degişlidir.

Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletlerde (DÇBÖBD) inklýuziw ösüşi üpjün etmek maksady bilen, milli, sebit we ählumumy derejede hereketleri hem-de integrasion tagallalary utgaşdyrmak bu resminamanyň esasy maksadydyr. Hereketleriň Awaza maksatnamasy BMG-niň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş ulgamynda Gün tertibini we Durnukly ösüş maksatlaryny ähli ulgamlarda doly amala aşyrmak boýunça işlere, şol sanda ýurtlary has işjeň hereketlere çagyrmak, bu başlangyçda DÇBÖBD-ni goldamak üçin halkara we köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak arkaly işlere ygrarlylygy tassyklaýar. Agzalan maksatnama Birleşen Milletler Guramasynyň Tertipnamasynyň maksatlaryndan we ýörelgelerinden ugur alyp, Adam hukuklarynyň ählumumy Jarnamasyna, adam hukuklary boýunça halkara şertnamalara, Birleşen Milletler Guramasynyň müňýyllygyň Jarnamasyna hem-de 2005-nji ýylda geçirilen Bütindünýä sammitiniň Jemleýji resminamasyna esaslanýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe mähriban Watanymyzyň dünýädäki abraý-mertebesini has-da belende göterýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun, beýik işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Amangül AMANOWA,**
**Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrabynyň 10-njy çagalar bakja-bagynyň terbiýeçisi.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026